**Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komitetiniň 2019-njy ýylyň 21-nji oktýabryndaky №104 buýrugy bilen tassyklanyldy**

**№1-şýjg «Hususy ýaşaýyş jaýlarynyň herekete girizilmegi barada hasabat» (ýyllyk) döwlet statistik hasabatlylygyň formasyny doldurmak boýunça**

# GOLLANMA

1. 1-şýjg (ýyllyk) formasy boýunça hasabatlary şäherleriň, etraplaryň häkimlikleri we geňeşlikleri (şäher we oba ýerleri boýunça) tabşyrýarlar. Hasabaty düzmekligiň esasy bolup şäherlerde, şäherçelerde we oba ýerlerinde, ilatly nokatlarda gurlan jaýlar üçin taýýarlanylýan «Hususy ýaşaýyş jaý gaznasynyň ýaşaýyş jaýlara berilýän Tehniki pasportynyň» maglumatlary we barlag toparynyň bellenen tertipde resmileşdirilen delilnamasy hyzmat edýär, şeýle hem “Hojalyk kitabynyň” 3 bölüminiň maglumatlary.

2. Şäherlerdäki, şäherçelerdäki we oba ýerlerindäki ilatyň öz serişdeleriniň hasabyna hem-de bank karzlarynyň kömegi bilen gurlan ýaşaýyş jaýlary, döwlet we kooperatiw kärhanalary hem-de guramalary tarapyndan gurlan jaýlary satmak ýa-da ilatyň öz eýeçiligine geçirmek üçin (şol sanda göçüp gelýänler üçin gurlan jaýlar) daýhan birleşikleri, daýhan (fermerçilik) hojalygy, şeýle hem raýatlaryň öz eýeçiligindäki öň gurlan ýaşaýyş jaýlarynyň gapdalynda we üstünden gurlan gurluşyklar hasabata girýärler.

3. Eger-de hasabat ýylyndan öňki ýyllarda gurluşygy tamamlanan aýry-aýry ýaşaýyş jaýlary (gapdalynda we üstünden gurlan) şahsy ýaşaýyş gurluşyklar boýunça hasaba alynmadyk bolsa we şu ýyllar içinde tehniki tükelleýiş býurosynda ýa-da geňeşliklerde bellige alynmadyk bolsa, onda şu jaýlar boýunça maglumatlar №1- şýjg formasy boýunça hasaba alynmanlygy ýüze çykarylan ýylynda görkezilýär. Şeýle jaýlar ulanmaga berlen ýaşaýyş jaýlarynyň umumy möçberine goşulýarlar.

## 1 Bölüm. Ýaşaýyş jaýlarynyň we öýleriň herekete girizilmegi

4. Herekete girizilen ýaşaýyş jaýlary baradaky 01-nji setirde, täze gurulan ýaşaýyş jaýlary (göçüp gelenler üçin jaýlary hasaba almak bilen), şeýle hem sandan çykan köne jaýlaryň ýerine täze galdyrylan we bellenilen tertip boýunça ulanmaga kabul edilen jaýlar görkezilýär. Öň gurlan ýaşaýyş jaýlaryna goşmaça we üstünden gurlan gurluşyklar aýratyn öý hökmünde gurlan hem bolsalar bu setirde görkezilmeýär.

Hasaba degişli däller:

daça jaýlary;

ýaşamak üçin wagtlaýyn enjamlaşdyrylan jaýlar;

jaýyň diwarlaryny düýpli dikeltmekden başga, jaýyň aýry-aýry çagşan ýerleri we durkunyň görnüşi täzelenen düýpli abadanlaşdyrylan jaýlar.

Şeýle-de daýhan birleşikleri ýa-da beýleki guramalar tarapyndan gurulan we olaryň esasy serişdeleriniň hasabyna girizilen ýaşaýyş jaýlary hasaba degişli däldirler.

5. 02-nji setirde gurulan jaýlardaky öýleriň sany görkezilýär.

Basgançaklara, umumy dälize ýa-da göni daşary özbaşyna çykalgasy bolan, beýleki ýaşaýyş jaýlaryndan aýry, olar bilen içki utgaşyklygy bolmadyk, enjamlaşdyrylan we hemişelik ýaşaýyş üçin ulanylýan jaý-öý hasaplanylýar.

Haçanda goşmaça gurluşyk (üstünden gurmak) aýratyn öý hasabynda gurlan bolsa, onda ol (üstünden gurmak) aýratyn jaý hökmünde görkezilmese-de öýleriň sanyna goşulýar.

6. 07-12-nji setirlerde ipoteka karzlaryň hasabyna gurulan jaýlar boýunça maglumatlar görkezilýär.

## 2 Bölüm. Diwar materiallaryna baglylykda gurulan ýaşaýyş jaýlarynyň gymmaty

7. 20-24-nji setirlerde (1 sütün) ýaşaýyş jaýynyň umumy peýdaly meýdany görkezilýär, 2-nji sütünde bolsa hemme girizilen ýaşaýyş jaýlarynyň, goşmaça gurluşyklaryň, üstünden gurmaklygyň umumy ýaşaýyş meýdany görkezilýär.

Ýaşaýyş jaýlarynyň umumy meýdany ($m^2$) ýaşaýyş jaýlarynyň (ýaramly) umumy meýdanyny we goşmaça (kömekçi) jaýlaryň umumy meýdanyny, şeýle hem dükanlaryň, dermanhanalaryň, mekdebe çenli edaralaryň, dellekhanalaryň, egin-eşik dikilýän, kir ýuwulýan jaýlaryň we beýleki durmuş hyzmat ediş kärhanalaryň, ýaşaýyş jaý dolandyryş edaralaryň, kitaphanalaryň, beden terbiýe jaýlarynyň we beýlekileriň meýdanyny, şeýle hem hojalykda ulanylmaýan ýerzeminleri we üçekleri hasapdan aýyrmak bilen, ýaşaýyş jaýlarynyň taslamasyna girýan westibýullaryň, hollaryň, basgançak meýdançalarynyň, umumy dälizleriň meýdanyny öz içine alýar.

Umumy (ýaramly) meýdana ýaşaýyş otaglarynyň (umumy we ýatylýan otaglaryň) meýdany we ýaşaýyş jaýynyň düýpli diwarynyň çägindäki kömekçi jaýlaryň (aşhanalaryň, daşky tamlaryň, wannalaryň ýa-da duşlaryň, hajathanalaryň, öý ammarlarynyň we düzülen şkaflaryň) meýdany; bütin ýylyň dowamynda jaýlarda gurulan, ýaşamaga ýaramly bolan tamlaryň ýyladyş meýdany, şeýle hem ýaşaýyş jaýlaryna ýaramly bolan ýyladylýan mansardalar we mezoninler goşulýarlar. Haçanda goşmaça gurluşyk (üstünden gurmak) öýleriň sanyny artdyrmasa, onda olaryň diňe umumy meýdany hasaba alynýar.

Umumy (ýaramly) meýdana aşakdakylar goşulmaýar:

basgançaklaryň meýdany;

çykyp duran konstruktiw elementleriň we ýyladyş peçleriniň meýdany;

goşmaça gurlan ýyladylmaýan otaglaryň (dalanlaryň, eýwanlaryň, balkonlaryň, açyk eýwanlaryň), şeýle hem ýyladylmaýan mansardalaryň we mezoninleriň meýdany;

aýratyn duran aşhanalaryň, hammamlaryň, kümeleriň, telärleriň we beýlekileriň meýdany;

gara öýleriň, daçalaryň, bagdaky öýjagazlaryň we wagtlaýyn ýaşaýyş üçin niýetlenen beýleki jaýlaryň (wagonlaryň we beýl.) meýdany.

8. 21-nji setirde tebigy we emeli daşlardan salnan ýaşaýyş jaýlary görkezilýär: kerpiçden, betondan we demirbetondan (monolitden, panelden, bloklardan), balykgulak we beýleki daş serişdelerinden ýasalan şlakobloklardan; 22-nji setirde agaç desgalaryndan we detallaryndan (togalak agaçlardan, dörtburç agaçlardan, şitlerden we beýlekilerden); 23-nji setirde ýokarda agzalmadyk hemme gurluşyk materiallaryndan (çig kerpiç, arbolit we beýlekilerden ýasalan samanly kerpiçlerden).

Haçanda jaýlaryň diwarlary materiallaryň birnäçe görnüşlerinden galdyrylan ýagdaýynda, ony şol jaýlaryň diwar materiallarynyň agdyklyk edýän toparyna girizmeli.

Şol bir tertipde goşmaça gurluşyklaryň we üstünden gurmalaryň umumy meýdany görkezilýär.

9. 2-nji sütüniň 20-nji setirinde ýaşaýyş otaglarynyň: öýüň içindäki aşhanalaryň, ýatylýan otaglaryň, çaga we beýleki ýaşaýyş otaglarynyň meýdany görkezilýär.

Eger ýaşaýyş otagy şol bir wagtda aşhana hem bolup durýan bolsa, ýagny, aýrybaşgalandyrylmadyk bolsa, onda şeýle otagyň bütin meýdany ýaşaýyş meýdany hasaplanýar.

10. 3-nji sütüniň 20-24-nji setirlerinde Tehniki pasportynda «Gaýtadan dikeldilen gymmat» sütüninde görkezilen, täze gurlan (goşmaça we üstünden gurulan) ýaşaýyş jaýlarynyň gymmaty görkezilýär. Bu jaýlaryň (goşmaça we üstünden gurulan) umumy meýdany №1-şýjg (ýyllyk) formanyň 1-nji sütünininiň degişli setirlerinde görkezilendir.

Esasy binalara: ýaşaýyş jaýy (goşmaça we üstünden gurlan), aýratyn we jaýa ýanaşyk duran hajathana, hammam (duş), hojalyk blogy, garaž girýär.

11. 4-nji sütüniň 20-24-nji setirlerinde «Gaýtadan dikeldilen gymmat» sütüni boýunça Tehniki pasportda görkezilen howludaky hojalyk gurluşyklarynyň gymmaty görkezilýär.

Howludaky hojalyk gurluşyklaryna şahsy kömekçi hojalygyny (bakja ekinçiligi, bagçylyk, maldarçylyk) ýöretmek üçin howluda gurlan hojalyk gurluşyklary, ýaşaýyş jaýyna goşmaça gurlan, şeýle-de mallary we guşlary, olaryň iýmini, hojalyk esbaplaryny, oba hojalyk önümlerini saklamak üçin aýratyn gurlan gurluşyk ýerzeminleri, şeýle hem umumy üçegi ýaşaýyş jaýy bilen bile bolan hojalyk howlulary girýärler.

Tehniki pasportynda ýaşaýyş jaýlaryň we howludaky gurluşyklaryň gymmaty baradaky maglumatlar bolmadyk ýagdaýynda, olary etrap ätiýaçlyk inspeksiýalaryndan soramaly.

12. Eger howludaky gurluşyk ýaşaýyş jaýynyň tabşyrylmasyndan öň ýa-da soň amala aşyrylýan bolsa, onda şeýle gurluşyk boýunça №1- şýjg (ýyllyk) görnüşi düzülmeýär.

## 3 Bölüm. Bölünip berlen ýer bölekleri

13. № 1- şýjg (ýyllyk) formasynyň 3-nji bölüminde raýatlara bölünip berlen ýer bölekleriniň sany we şol ýer bölekleriniň meýdany barada maglumatlar görkezilýär.

14. 01 setirden 03 setir boýunça Türkmenistanyň Prezidentiniň 2014-nji ýylyň 28 fewralyndaky №13513 karary boýunça raýatlara bölünip berlen ýer bölekleriniň sany we şol ýer bölekleriniň meýdany barada maglumatlar görkezilýär, hemmesi.

15. 03 setirden 04 setir boýunça ýaşaýyş jaýyny gurmak üçin raýatlara bölunip berlen ýer bölekleriniň sany we şol ýer bölekleriniň meýdany barada maglumatlar görkezilýär.

Gymmatlyk görkezijiler oturdan soň bir belgä çenli takyklamak bilen müň manat ölçegde görkezilýär.

**Maýa goýumlaryň statistikasy we seljerişi müdirligi**